# Indiki pandemiýa taýýarlykly bolmak üçin edip biljek zatlarymyz

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Indiki pandemiýa taýýarlykly bolmak üçin edip biljek zatlarymyz INDIKI PANDEMIÝA TAÝÝARLYKLY BOLMAK ÜÇIN EDIP BILJEK ZATLARYMYZ




*Kowid boýunça açylan derñew işi galñap barýarka Kit Ýeýts Birleşen Korollygyñ (BK) geljekki bela-beterlere taýýarlykly bolmak üçin nämeler edip biljekdigini aýdýar.*

Kowid derñewiniñ birinji tapgyry gyzgalañly dowam edýär. Onuñ maksady pandemiýa taýýarlykly bolmak.

Derñew işiniñ görünişdäki esasy aýratynlygy günäni kimdir birine ýüklemek däl-de, indikisine has gowy taýýarlanmak üçin kowid pandemiýasyna kowid pandemiýasyna taýýarlanýarkak goýberen ýalñyşlyklarymyzdan sapak almak. Derñew işindäki bu birinji matlap «Garaşylmaýana nähili garaşyp bileris» («How to Expect the Unexpected») kitabymda-da bar. Kitapda geçmişde adamlaryñ çak edenlerinde goýberen ýalñyşlyklary nygtamaga, şeýle şowsuzlyklaryñ düýp sebäplerini kesgitlemäge we geljekde gaýtalanmazlygy ýa-da has gowsy hiç hili gaýtalanmaz ýaly

ýagdaýa getirilen manysyny berýän strategiýalary teklip etmäge üns berdim.

Geljegi pikir etmek barada aýdylanda her bir etsem-petsemimiz dünýäniň ugur-utgasyzlyklaryna garşy jedele wekilçilik edýär. Taýýarlygyňam şondan parhy ýok. Taýýarlyk derejämiz geljegiň üýtgeşmelerine garşy jedellerimizi goramak üçin şindizden pida bermekçi zatlarymyzyň arasyndaky çalşygy aňladýar.

Pandemiýa taýýarlyk hakda pikir edenimizde, tebigy heläkçilikler bolan ýagdaýynda edilmeli işleriň meýilnamasynyň beýleki ugurlaryndan sapak alyp bileris. Mysal üçin Birleşen Korollykda ýer yranmalaryna rutin hökmünde taýýarlyk göremzok, sebäbi bu ýurtda ýer yranma mümkinçiligi ýok diýen ýaly. Muňa derek Ýaponiýa rutin hökmünde ýyllyk býužetiniň 3%-den gowragyny tebigy heläkçilik howpy boýunça degişli edaralaryna harçlaýar.

50-nji ýyllaryň soňunda Ýaponiýada tebigy heläkçilige taýýarlygyň güýçlendirilip başlan wagtyndan bäri ýyllyk ortaça adam pidasynyň sany müňlerçeden birnäçe ýüze düşürildi.



«**Garaşylmaýana nähili garaşyp bileris**de» indiki ýer yranmasynyň doly haçan boljagyny anyklamak mümkin dälem bolsa, seýsmologlaryň sarsgyna ýakyn sebitlerdäki ýer yranma ýygylyklaryny ynamly çaklap bilýändiklerini we bu maglumaty gollanmalary taýýarlamagymyza we birinji üns bermeli meselämize öwürmegimize ýardam etmek üçin ulanyp bilýändigimizi öňe sürýärin.
Saglygy goraýyş ulgamynda hünärmenleşen alymlaram pandemiýadan öň seýsmologlar bilen birmeňzeşräk zatlary aýdýardylar. Belki-de, 2020-nji ýylda ýaşap ýörenler kowid pandemiýasy bilen deň derejedäki saglyga howp salýan global ýagdaýy başdan geçirmändigi üçin köpüsi berilýän duýduryşlary diňlemedi.
Býužet jogapkärçiligi ofisiniň başlygy Riçard Hýuz derňew işinde şaýat hökmünde beren görkezmesinde ýagdaýy şeýle düşündirdi:
«Ýykgynçylykly howplaryň haçan boljagyny öňünden çaklamak kyn bolup biler, emma bolan ýagdaýynda näderejede täsir etjegini çaklap bolýar. Global pandemiýa howpy koronawirus gelmezden öňem on ýyllap döwletiň howp sanawynyň iň başynda durýardy, muňa garamazdan diýseň az (yza ser salanymyzda hakykatdanam juda az) üns çekdi..»
Häzire çenli derňew işine hödürlenen subutnamalar kowidiň ýüze çykmagyna alyp baran döwürde ünsiň pandemiýa taýýar bolmakdan geçen, «Breksite» sowlandygyny açyk-aýdyň görkezýär. 2018-nji ýylda Saglygy goraýyş we sosial hyzmatlar departamentinde taýýarlyk jogapkärçiligini boýnuna alan işgär Emma Rid subutnamalarynda ylalaşyksyz «Breksite» taýýarlygyň kämillik ýaşyna ýetenleriň sosial we jemgyýetçilik gözegçiliginiň goldanmagyny üpjýn etmekden has derwaýysdygyny aýtdy. Hökümetara Dümew pandemiýasyna taýýarlyk guramasy 2018-nji ýylyň noýabry bilen 2019-njy ýylyň noýabryna çenli bir ýyllap «Breksit» taýýarlyklary sebäpli bir gezek ýygnanyşmady.
Derňew işiniň dowamynda 2016-njy ýyldaky pandemiýa taýýarlyk okuwynda («Cygnus») berlen 22 maslahatdan pandemiýa ýaýranda bary-ýogy sekiziniň berjaý edilendigi belli boldy.



«Cygnus» wagtynda saglygy goraýyş boýunça esasy jogapkär, professor Deým Selli Deýwis şol wagt dem beriji medisina enjamynyň azdygyna ünsi çekipdi. Muňa garamazdan BK-yň ilkinji kowid wakalaryndan alty hepde soň Mett Hankok britaniýaly importçylara «Bir dem beriş enjamyny öndürseňizem, satyn alarys. Üýşüp ýatan zat ýok» diýip ýalbarýardy. Dewid Kemeronyň, Jorj Osbornyň işlän döwründe «guşak çekdirme» maksatnamasynyň ýurdy pandemiýadan öň taýýarlyksyz goýmandygyna degişli nägileliklerine garamazdan, beýlekileri muňa ters gelýän subutnamalar görkezdi.
Deým Selli Deýwis BK-yň saglygy goraýyş infrastrukturasyna «maýa goýumlaryny togtadandygyny» öňe sürdi. Bulam saglygy goraýyş ulgamynyň berkligine ýaramaz täsir etdi we BK-y «lukman, şepagat uýasy, ýatakhana sany, reanimasiýa unitasynyň sany, dem beriji enjamyň sany boýunça sanawyň iň soňuna» geçirdi. BK Saglygy Goraýyş agentliginiň başlygy Jenny Harries saglygy goraýyş hyzmatlatyny «ýok eden» «guşak çekdirme» syýasatlary netijesinde saglygy goraýyşyň maddy üpjünçiliginiň azalandygyny aýtdy.
Duýduryşlar gözümiziň alnynda bolup geçenem bolsa, üns berilmändigi belli. Ygtyýarlylar maddy çeşmeleri beýleki maksatnamalara sowanyny gowy görýär. Belli bir ähtimallyga taýýarlanmazlygy saýlap almak geljek bilen baglanyşykly ýapyk çaklamadyr. Şahsy goraýjy topary saklamak ýa-da saglygy goraýyş hyzmatynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça iş geçirmezlik şol ýurduň gelejekde pandemiýanyň öňünde ýan

bermeginiñ gutulgusyzlygyny güýçlendirýär.
Geljege ser salmak diñe açyk formulirleýän «oñyn» çaklamalarymyz bilen däl, şol bir wagtyñ özünde berjaý etmedik «oñaýsyz» çaklamalarymyz bilenem baglanyşyklydyr. Ikinjisini ýoklugy sebäpli anyklamak umuman has kyn, emma BK-yñ pandemiýa taýýarlyklarynda görşümiz ýaly şowsuzlyklary-da deñ derejede zyýan ýetirip biler.




Kit ÝEÝTS.
Anna, 28.07.2023 ý. Publisistika